# Daşoguz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Daşoguz

DAŞOGUZ

Nama ýazaýyn men seniň şanyňa,
Eziz Watan daňym atan Daşoguz,
Aýlanaýyn seniň gözel adyňa,
Her günüň mukamly her gün hoş oguz.

Keramatly topraklydyr bu ýerler,
Taryha baý sen söýgä taý baş oguz,
Seň halkyňa myhmansöýer diýerler,
Gadymy sen müdimi sen Daşoguz!

Üç ýüz altmyş pirler, mert Görogly hem,
Seň goýnuňda mesgen tutan Daşoguz,
Aşyk aýdyň pirim, bary sende jem,
Eremli sen, keremli sen Daşoguz!

Goýnuňda saklaýan gudratly pirler,
Aýdym sazly bahar ýazly şat oguz
Gadamyňa geler uzakdan iller,
Abat illi, saýrak dilli Daşoguz!

Kerwenler geçipdir üstüňden niçe,
Başy täçli, göwher gaşly han oguz,
Soňlanmajak syrlar ýatyr gör inçe,
Kerwen ýoly, suwy doly hanhowuz,

Täjirlere mydam saýa bolupsyň,
Hereketli, bereketli Daşoguz,
Taryhda altyndan adyň ýazypsyň,
Ozal başdan nesilbaşymyz Oguz!

Gurbanmämmet MEREDOW.

Goşgular